TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

# Internet tory barada düşünje

# Esasy hyzmatçylar:

World Wide Web, elektron poçta

**Internet** – dünýäniň dürli künjegindäki millionlarça dürli gurluşlary özara baglanyşdyrýan torlaryň bileleşigi ýa-da bütindünýä kompýuter torudyr. Internet toruna *personal kompýuterler, telefonlar, telewizorlarda*, *awtomobillerde, aýdym-saz merkezlerinde* we *goşmaça oýun enjamlarda gurnalan gurluşlar* birikdirilip bilner. Internet toruna birikdirilýän gurluşlaryň sany günsaýyn artýar. **Internet hyzmatyny gurnaýjylar – internet prowaýderler** – şol gurluşlar üçin toruň elýeterli bolmagyny üpjün edýärler.

Internet tory ulanyja peýdaly ylmy we tehniki informasiýalary, şeýle hem *bilim resurslaryny*, meselem, dünýäniň iri kitaphanalarynyň we muzeýleriniň elektron gaznasy we kataloglaryny, ylmy maglumatlar goruny we gözleg sistemalaryny, iri ylmy we bilim beriji merkezleriň gazananlary baradaky informasiýalary, ylmy makalalary we referatlary görmäge mümkinçilik berýär. Internet torunda *syýasy wakalar, biznes, medisina, medeniýet, sport, turizm täzelikleri* baradaky *maglumatlar* hem berilýär. Hut şu günki günde internet tory arkaly dükanlardaky harytlaryň görnüşleri bilen tanşyp, hatda satyn alyp hem bolýar.

# INTERNET HYZMATLARY

telekonferensiýalar






Internet-telefon





Arhiw faýllary



Elektron poçta




WWW



Göni aragatnaşyk (chat)

Howa maglumatyny, dünýä pullarynyň şol günki alyş-çalyş bahasyny, tele-radio gepleşikleriň programmasyny bilip bolýar. Elektron gazet-žurnallary okap bolýar, oýunlary, kompýuter programmalaryny , wideo filmleri we saz eserlerini görüp, alyp bolýar. **Internet tory** adamlaryň ***ýazuw üsti bilen, dilden, bir-biregi görmek*** arkaly *gepleşip bilmeklerine, konferensiýalary, çekişmeleri geçirmeklige* mümkinçilik döredýär.

Şonuň bilen birlikde, internet torunda peýdasyz ýa-da gerekmejek ýüregedüşgünç reklamalara, hili pes edebi eserlere, hakyky ýagdaýa laýyk gelmeýän informasiýalara gabat gelmek bolýar.

Internet torunyň esasy mümkinçilikleri onuň bütindünýä informasion kerebi, **elektron poçta,** hakyky wagt kadasynda habarlary alyşmak serişdeleri ýaly meşhur gulluklarynyň üsti bilen durmuşa geçirilýär.

**Bütindünýä informasion kerebi *(World Wide Web – WWW)*** – şu günki günde internet torunyň iň meşhur we oňaýly gullugydyr. Ol tor hyzmatlarynyň aglaba köplügini birikdirýär.

# World Wide Web




**Tim Berners Li**

**World Wide Web (WWW)** doglan güni 1991-nji ýylyň 6-njy awgusty hasaplanýar.

Şol gün Ženeweda (Şweýsariýa) Ýewropa ýadro barlaglar merkezinde işleýän ***Tim Berners Li***, WWW baradaky özüniň gysgaça proýektini çap edýär.

Bütindünýä kerebiniň informasiýalary gipertekst resminama (web-sahypa) görnüşinde gurnalandyr.

**Gipertekest** – kompýuteriň ekranynda tekstiň elementleriniň arasynda arabaglanşygy guramaga mümkinçilik berýän informasiýa gurluşy bolup, bir elementden beýleki elemente geçmegi amal edýär.

Internet torunyň has giň ýaýran we netijeli gulluklarynyň biri-de elektron poçta **(Electronic Mail – E-mail)** gullugydyr.

Ol elektron gutusynyň kömegi bilen tekst habarlaryny(elektron hatlary) alyşmak üçin niýetlenendir.

Elektron hatlaryň ýany bilen oňa berkidilen görnüşde faýllary ibermek bolýar.

Poçta gutusynyň salgysy iki bölekden durýar: **ady we arasy @** belgi bilen bölünen prowaýderiň salgysy, meselem *tema@mail.ru* .



# Elektron poçta

## *1-nji ädim*

**Gözleg sistemasyny açmaly**

www.yandex.ru

www.mail.ru

www.rambler.ru

www.google.ru

# *2-nji ädim. Registrasiýa*



# *3-nji ädim*
# ***Anketany doldurmak***



# Poçta bilen işlemek




***Написать письмо***

# Elektron poçta



# Elektron poçta



Hakyky wagt kadasynda habarlary alyş-çalyş serişdeleri (Internet Relay Chat – IRC) hakyky wagtda tory ulanyjylaryň arasynda ýazuw gepleşiklerini alyp barmagy üpjün edýär.

Internet toruna birikmegi dürli usullar bilen amala aşyrmak bolar.

Olardan has giň ýaýranlary şu aşakdakylardyr:

•modemiň kömegi bilen telefon liniýasy boýunça birikmek;

•berlen aragatnaşyk kanallary boýunça birikmek;

•öýjükli aragatnaşyk boýunça birikmek.

**Soraglar**

1.Internet torunyň esasy mümkinçiliklerini amala aşyrmak üçin, nähili çesmesi bar?

2.Internet toruny ulanyjylar üçin WWW nähili mümkinçiliklere eýe?

# Interaktiw-multimedia elektron gollanmanyň awtorlary:

**Saryýew Döwran**
**Ataýew Kakageldi**
**Garýagdyýew Oraz**